**Türkmenistanyň**
**Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň**
**Ýuridik şahslary we maýa goýum**
**taslamalary döwlet tarapyndan**
**bellige almak bölümi tarapyndan**

**"BELLIGE ALYNDY"**

**№** 25788537

**"** 28 **"** Mart **2019ý.**

# Türkmenistanyň
# Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasy

## T E R T I P N A M A S Y

Türkmenistan, Aşgabat ş., 2019ý.

Türkmenistanyň Sportyň suwdaky görnüşleriniň federasiýasynyň Tertipnamasy 1994-nji ýylyň 18-nji martyndaky döredifiş Maslahatynda tassyklandy

Türkmenistanyň Sportyň suwdaky görnüşleriniň merkeziniň Tertipnamasyna girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar 2005-nji ýylyň 5-nji martyndaky Maslahatynda tassyklandy

Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Tertipnamasyna girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar 2016-njy ýylyň 20-nji ýanwaryndaky geçirilen Maslahatynda tassyklandy

Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Tertipnamasyna girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar 2019-njy ýylyň 10-njy ýanwaryndaky geçirilen Maslahatynda tassyklandy

# Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň

# TERTIPNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1. “Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasy” jemgyýetçilik guramasy mundan beýläk “Federasiýa” diýlip atlandyrylýan, öz işini Türkmenistanyň çäklerinde, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Raýat kodeksine, “Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda”, “Bedenterbiýe we sport hakynda” Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda amala aşyrýan, özbaşdak, täjirçilik däl, meýletin agzalyga esaslanan jemgyýetçilik guramasy bolup durýar.

2. Federasiýa sportyň şu görnüşlerini özünde birleşdiýär:
- Howdanda ýüzüş;
- Açyk suwda ýüzüş;
- Erkekleriň we aýallaryň suwda oýnalýan pökgüli oýny;
- Açyk suwda ýüzüş;
- Suwa bökmek;
- Belentlikden suwa bökmek;
- Sinhron ýüzüş;
- Weteran ýüzüş;
- Sport draýwingi;
- Suwasty ýüzüş.

3. Federasiýa ýuridik şahs bolup, jemgyýetçilik birleşikleri üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukuklardan peýdalanýar we öz adyndan emläk we emläkleýin däl hukuklary edinip, özbaşdak jogapkärçilik çekip, kazyýetde hak isleýji we jogap beriji bolup Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tertipnamalaýyn maksatlaryna ýetmek bähbitleri üçin geleşikleri amala aşyryp biler.

4. Türkmenistanyň çägindäki bank edaralarynda Türkmenistanyň milli we daşary ýurt pulundaky hasaplary açýar.

5. Federasiýanyň öz möhüri, möhürçesi we doly resmi ady ýazylan resmi kagyzy, baýdagy, türgeniň we eminiň kasamy; nyşany, wympeli, ýadygärlik medaly, belgisi we kanunda bellenen tertipde tassyklanan beýleki nyşanlary bar.

6. Federasiýa Türkmenistanyň kanunlarynda jemgyýetçilik guramalary üçin göz öňünde tutulýan hukuklardan peýdalanýar we şol bir wagtyň özünde şol kanundan gelip çykýan borçlary ýerine ýetirmäge jogapkärdir.

7. Federasiýa öz adyndan emläk we emläk däl şertnamalary baglaşmaga, maddy gymmatlyklary edinmäge hem-de özüniň tertipnamasynda görkezilen maksatlaryna ýetmek üçin kanuna laýyklykda ylalaşyklary baglaşmaga hukuklydyr.

8. Federasiýa halkara jemgyýetçilik guramalary bilen hyzmatdaşlyk edip, halkara gatnaşyklaryny hem-de aragatnaşyklaryny saklap, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde degişli ylalaşyklary baglaşyp biler.

9. Federasiýa öz işini Federasiýanyň bähbitlerini goraýan meseleler boýunça döwlet häkimiýet edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ýakyndan arkalaşyp amala aşyrýar, şeýle hem göni gatnaşyklary we aragatnaşyklary saklaýar, milli we halkara guramalary bilen ylalaşyklary baglaşýar.

10. Federasiýa öz agzalarynyň borçnamalary boýunça jogap bermeýär. Federasiýanyň agzalary hem Federasiýanyň borçnamalary boýunça jogap bermeýär.

11. Federasiýanyň işi meýletinlik, deň hukuklylyk, öz-özüni dolandyrmak we kanunylyk ýörelgelerine esaslanýar. Federasiýa kanunçylyk arkaly bellenilen çäklerde öz içerki düzümini, öz işiniň görnüşlerini we usullaryny kesgitlemekde erkindir.

12. Federasiýa Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, ýuridik şahs hökmünde federasiýanyň hukuk ukyby Türkmenistanyň Adalat ministrliginde döwlet belligine alnan we ol baradaky maglumatlaryň ýuridik şahslaryň Ýeke-täk döwlet sanawyna girizilen pursatyndan başlap ýüze çykýar.

13. Federasiýanyň türkmen dilindäki doly ady - "Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasy", rus dilinde – "Федерация водных видов спорта Туркменистана", iňlis dilinde -"Federation of aquatics of Turkmenistan".

14. Federasiýa milli jemgyýetçilik guramasy bolup durýar, onuň işiniň çägi: Türkmenistan.

15. Federasiýanyň ýolbaşçy edarasynyň ýerleşýän ýeri we onuň hukuk salgysy: Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň Garaşsyzlyk şaýolynyň 74-nji jaýy.

## II. Federasiýanyň esasy maksatlary we wezipeleri

16. Federasiýanyň esasy maksady -Türkmenistanda Suwdaky sport görnüşlerini ösdürmek we ýaýbaňlandyrmak.

17. Federasiýanyň esasy wezipeleri:

- Türkmenistanda Suwdaky sport görnüşlerini ösdürmek we ýaýbaňlandyrmak, onuň ornuny şahsyýetiň ählitaraplaýyn we sazlaşykly ösüşi bilen saglygyny berkitmek, sagdyn durmuş keşbini döretmek bilen bilelikde ýokarlandyrmak;
- Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde halkara ýaryşlaryna gatnaşmak üçin Suwdaky sport görnüşleri boýunça ýygyndy toparynyň taýýarlanylmagyny guramak;
- Halkara ýaryşlaryna, seminarlaryna, kongreslerine, konferensiýalaryna, bilim çärelerine, hünäri ýokarlandyrmak boýunça okuwlara we sergilere taýýarlyk görmek hem-de gatnaşmak üçin türgenleriň we hünärmenleriň düzümini kemala getirýär;
- Suwdaky sport görnüşleri boýunça ýaryşlary guramak, Türkmenistanyň çäginde ony meşhurlandyrmak, usulyýet we amaly kömek bermek;
- ýokary hünärli türgenleri taýýarlamak üçin şertleriň döredilmegine ýardam etmek, çagalar we ýetginjekler sportuna goldaw bermek, soňra ýurduň ýygyndy toparlarynyň düzüminde olary taýýarlamak üçin geljegi uly bolan ýaş türgenleri seçip almagy amala aşyrmak;
- halkara ýaryşlarynda suwdaky sport boýunça Türkmenistanyň ýygyndy toparlarynyň üstünlikli çykyş etmegi we „Olimpiýa ätiýaçlygyny" taýýarlamak üçin şertleri döretmek;
- türgenleri taýýarlamagyň teoriýasy we amaly usulyýetleri babatda ylmy-barlaglaryň guralmagyna, çagalaryň we ýetginjekleriň sazlaşykly ösmegine, Türkmenistanda sportuň okuw-usulyýet üpjünçiligini kämilleşdirmäge gönükdirilen tälim beriji çäreleriň hünäri ýokarlandyrmak boýunça okuwlaryň geçirilmegine ýardam etmek we gatnaşmak;
- suwdaky sport görnüşleri boýunça hünärmenleriň hünärini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri guramak we geçirmek, hünär synagy toparlaryna gatnaşmak;

- hünär düzgünleşdiriş, maslahat beriş taýdan gatnaşmak görnüşinde Türkmenistanyň çäklerinde suwdaky sport görnüşleri boýunça milli we halkara ýaryşlaryny kanunçylykda bellenilen tertipde guramak hem-de geçirmek;

- suwdaky sport görnüşleri üçin niýetlenen desgalary sowatly we netijeli ulanmak boýunça maslahatlary hem-de netijenamalary bermek;

- Türkmenistanyň çäklerinde suwdaky sport görnüşlerini ösdürmäge degişli bolan we şu tertipnama ters gelmeýän hünär taýdan standartlary, kadalary, kanunçylyk hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary kesgitlenen we döretmek meseleleri boýunça maslahat beriji hökmünde döwlet edaralaryna, komitetlere, toparlara gatnaşmak;

- suwda ýüzüşe degişli meseleler boýunça maglumat beriş, usulyýet materiallaryny, beýleki mowzuklaýyn metbugat önümlerini neşir etmegi we ýaýratmagy guramak;

- kanunçylykda bellenilen tertipde halkara sport guramalary bilen aragatnaşyklary ösdürmek we pugtalandyrmak;

- sport ätiýaçlygyny taýýarlamak, çagalary we ýetginjekleri ýüzüş bilen meşgullanmaga çekmek;

- Bütindünýä WADA dopinge garşy kodekse we FINA kadalaryna laýyklykda sport baradaky taýýarlykda hem-de ýaryşlarda doping we beýleki saglyk üçin zyýanly serişdeleri, usullary ulanmaga garşy göreş alyp barmak;

- Federasiýanyň tertipnamalaýyn maksatlaryna goşulýan we olary goldaýan ýuridik şahslar, şahsy adamlar hem-de beýleki adamlar bilen hyzmatdaşlyk etmek;

- Halkara Ýüzüş federasiýasynda -FINA-da we Aziýa Ýüzüş fedarasiýasynda-AASF-da, şeýle hem olaryň howandarlygynda geçirilýän ähli çärelerde Türkmenistanyň bähbitlerine wekilçilik etmek;

- Federasiýanyň agzalary tarapyndan sport edebiniň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak.

## III. Federasiýanyň hukuklary

18. Federasiýa tertipnamalaýyn maksatlary amala aşyrmak üçin şu aşakdaky hukuklara eýedir:

- öz işi baradaky maglumatlary erkin ýaýratmaga;
- düzüm birliklerini, filiallaryny we wekilçiliklerini döretmäge;
- "Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda" Türkmenistanyň kanunynda we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan tertipde döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň kararlaryny işläp taýýarlamaga gatnaşmaga;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda köpçülikleýin habar beriş serişdelerini döretmäge we neşirýat işini amala aşyrmaga;
- döwlet häkimiýet edaralarynda we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynda öz hukuklaryna, öz agzalarynyň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine wekilçilik etmäge hem-de goramaga;
- jemgyýetçilik durmuşynyň meseleleri boýunça başlangyçlar bilen çykyş etmäge, döwlet häkimiýet edaralaryna teklipleri girizmäge;

- “Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda” Türkmenistanyň kanunynda bellenilen tertipde telekeçilik işi bilen meşgullanmaga;

- suwda ýüzmek boýunça ýygyndy toparlaryň agzalary bilen halkara ýaryşlaryna taýýarlyk görmegiň we şonda çykyş etmegiň barşynda federasiýanyň hem-de suwda ýüzmek boýunça ýygyndy toparlaryň agzalary bolan türgenleriň özara hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän şertnamalary, ylalaşyklary baglaşmaga;

- Federasiýanyň işiniň esasy ugurlary boýunça komitetleri, toparlary, geňeşleri, kärdeşler maslahatlaryny we beýleki edaralary döretmek, olaryň işi Federasiýanyň Geňeşi (Ýerine ýetiriji komiteti) tarapyndan kabul edilýän Federasiýanyň namalary bilen düzgünleşdirilýär;

- sport tomaşa çärelerini guramaga we geçirmäge ýardam edýär;

- Türkmenistanyň Zähmet kodeksine laýyklykda Federasiýanyň diwanyna wezipedäki işgärleri kabul etmek boýunça degişli işler geçirýär;

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şahamçalary we wekilhanalary açýar. Federasiýanyň işiň ygtyýarlandyrylmaga degişli görnüşlerini diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde ygtyýarnama alandan soň amala aşyrmaga haky bardyr;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrýar;

- Federasiýa ýörite kanunlar arkaly göz öňünde tutulan beýleki hukuklara hem eýedir;

- öz içerki gurluşyny, işiniň görnüşlerini we usullaryny, býujeti we wezipe sanawyny özbaşdak kesgitleýär;

- agzalyk we beýleki gatançlary belleýär hem-de alýar;

- türgenleriň, tälimçileriň, eminleriň we federasiýanyň işine gatnaşýan beýleki agzalaryň içerki hünär synaglaryny amala aşyrýar;

- işjeň işleýänligi üçin federasiýanyň agzalaryny höweslendirýär, suwda ýüzmek babatda halkara federasiýalaryň we beýleki guramalaryň şeýle hem Türkmenistanyň beýleki edaralarynyň öňünde Hormatly atlary dakmak we sylaglamak hakyndaky teklipleri orta atýar.

## IV. Federasiýanyň borçlary

19. Federasiýa şu aşakdakylara borçludyr:

- Türkmenistanyň kanunçylygyny, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerini we kadalaryny, şeýle hem olaryň tertipnamalarynda we başga esaslandyryjy resminamalarynda göz öňünde tutulan kadalary berjaý etmäge;

- hemişelik işleýän ýolbaşçy edarasynyň hakyky ýerleşýän ýerini, onuň adyny we jemgyýetçilik birleşiginiň ýolbaşçylary baradaky maglumatlary ýuridik şahslaryň Ýeke-täk döwlet sanawyna girizilýän maglumatlaryň möçberinde görkezmek bilen, öz işi barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine maglumaty bellenilen möhletlerde bermäge;

- Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň soramagy boýunça federasiýanyň ýolbaşçy guramalarynyň we wezipeli adamlarynyň çözgütlerini, şeýle hem öz işi barada hasabatlary salgyt we Türkmenistanyň pensiýa gaznasynyň edaralaryna berilýän maglumatlaryň möçberinde bermäge;

- daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmelerini Türkmenistanyň Adalat ministrliginde bellige aldyrmaga we şol taslamalaryň we maksatnamalaryň ýerine ýetirilşi hem-de höweslendirmeleriň peýdalanylyşy hakyndaky tapgyrlaýyn we gutarnykly hasabatlary bermäge;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tetipde buhgalter hasabatyny alyp barmaga, statistika hasabatyny bermäge, salgyt geçirimleri amala aşyrmaga, şeýle hem döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça pensiýa gatançlaryny tölemäge.

## V. Federasiýanyň agzalary, olaryň hukuklary we borçlary

20. Federasiýada agzalyk meýletindir we Türkmenistanyň kanunçylygy hem-de şu tertipnama bilen kesgitlenilýär. Federasiýanyň agzalary kämillik ýaşyna ýeten Türkmenistanyň raýatlary bolup bilerler. Federasiýanyň agzalary giriş we her ýylky agzalyk gatançlaryny töleýärler. Federasiýa girmegiň tertibi, gatançlaryň möçberi we olary geçirmegiň şertleri Federasiýanyň Ýerine ýetiriji komiteti tarapyndan tassyklanan Düzgünnama bilen kesgitlenilýär.

21. Federasiýanyň agzalygyna kabul etmek, onuň düzümine girmäge isleg bildirýäniň ýazmaça arzasynyň esasynda Federasiýanyň Ýerine ýetiriji komiteti tarapyndan amala aşyrylýar.

22. Federasiýanyň agzalary şu hukuklara eýedirler:

- federasiýanyň taslamalaryny we maksatnamalaryny işläp taýýarlamaga we durmuşa geçirmäge gatnaşmak;
- onuň işini gowulandyrmak boýunça teklipler girizmek;
- federasiýanyň ýolbaşçy we gözegçilik-derňew edaralaryna dalaşgärleri teklip etmek, saýlamak we saýlanmak;
- federasiýanyň işi hakynda maglumat almak;
- federasiýanyň kömeginden, goldawyndan we goragyndan peýdalanmak;
- federasiýanyň agzalygyndan meýletin çykmak.

23. Federasiýanyň agzalary şulara borçludyrlar:

- öňünde goýlan maksatlaryň we wezipeleriň durmuşa geçirilmegine ýardam edip, Federasiýanyň işine işjeň gatnaşmaga;
- şu tertipnamanyň düzgünlerini berjaý etmäge, ýolbaşçy we ýerine ýetiriji edaralarynyň çözgütlerini ýerine ýetirmäge;
- federasiýanyň senenama ýaryşlarynyň guralmagyna işjeň gatnaşmaga;
- federasiýany we onuň agzalaryny biabraý edýän hereketleri etmezlige;
- giriş we agzalyk gatançlaryny öz wagtynda tölemäge;
- federasiýanyň emlägine aýawly garamaga,

24. Federasiýanyň agzalary agzalyk gatançlaryny tölemändigi üçin, federasiýanyň maksatlaryna we wezipelerine ters gelýän işleri geçirýändigi üçin, şeýle hem federasiýany abraýdan gaçyrýan, oňa maddy zelel ýetirýän hereketler üçin Federasiýadan çykarylyp bilner.

25. Federasiýada hormatly agza şular bolup biler.

- Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Hormatly başlygy diýen at federasiýanyň başlygy wezipesinde azyndan iki möhletde bolan we ýurdumyzda suwdaky sport görnüşlerine goşant goşan adama berlip bilner.

- Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Hormatly başlygy diýen ady Konferensiýa tarapyndan ömürlik berilýär. Türkmenistanyň suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Hormatly başlygy wekilçilik wezipelerini we Federasiýanyň Ýerine ýetiriji komitetiň tarapyndan kesgitlenip bellenen borçlary ýerine ýetirýär. Türkmenistanyň suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Hormatly başlygy Federasiýanyň ýolbaşçy edaralaryna saýlanyp biler we Konferensiýanyň işine, Federasiýanyň Maslahatyň we ýerine ýetiriji komitetiň mejlislerine maslahat beriji ses hukugynda gatnaşmaga haky bardyr.

- Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Hormatly başlygy halkara sport guramalarynyň işine gatnaşyp, halkara derejesinde Federasiýanyň bähbitlerine wekilçilik edip biler.

26. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Hormatly agzasy diýen at ýurdumyzda suwda ýüzmek sportyny ösdürmäge ep-esli goşant goşan türgenlere, tälimçilere, eminlere, hünärmenlere, jemgyýetçilik işgärlerine we sportyň weteranlaryna berlip bilner. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Hormatly agzasy diýen at Federasiýanyň Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan berilýär.

Agzalykdan çykarmak agzanyň arzasy esasynda Ýerine ýetiriji komitetiň karary boýunça amala aşyrylýar.

## VI. Federasiýanyň guramaçylyk gurluşy we dolandyryş edaralary

27. Federasiýanyň ýokary dolandyryş ýolbaşçy edarasy Maslahatdyr.

Federasiýanyň hemişelik hereket edýän ýolbaşçy edarasy Ýerine ýetiriji komitetdir.

28. Maslahat azyndan ýylda bir gezek (ýyllyk), şeýle hem, haçan-da muny Federasiýanyň bähbitleri talap etse (nobatdan daşary) çagyrylýar. Maslahaty çagyrmak hakynda karary Ýerine ýetiriji komitet onuň geçirilmegine çenli azyndan 30 gün galanda kabul edýär, wagty, ýeri, gün tertibi we wekilçiligiň kadalary hakynda Federasiýanyň agzalaryna habar berýär. Maslahat federasiýanyň agzalarynyň 1/10 (ondan bir) böleginiň talap etmegi boýunça hem çagyrylyp bilner.

29. Eger Maslahatyň işine federasiýanyň agzalarynyň wekilleriniň azyndan ýarysy gatnaşsa, doly ygtyýarly diýlip hasap edilýär.

30. Maslahatyň kararlary açyk ses bermek arkaly, oňa gatnaşýan agzalaryň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen, tertipnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek baradaky karar bolsa, sesleriň 3/4 (dörtden üç) bölegine barabar köplük bilen kabul edilýär. Federasiýanyň maksatlaryny üýtgetmek baradaky çözgüdi kabul etmek üçin ähli agzalaryň 4/5 (bäşden dört) bölegine barabar köplük zerurdyr.

31. Maslahatyň aýratyn ygtyýaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- Federasiýanyň işiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär;
- Maslahat tarapyndan kesgitlenýän sanda Ýerine ýetiriji komitetiň we derňew toparynyň agzalaryny we başlygy saýlaýar;

- Ýerine ýetiriji komitetiň, gözegçilik-derňew toparynyň hasabatlaryny tassyklaýar;
- Federasiýanyň tertipnamasyny, şeýle hem oňa girizilýän üýtgetmeleri we goşmaçalary tassyklaýar;

-Federasiýany gaýtadan guramak we ýapmak hakyndaky çözgütleri kabul edýär;

- her ýyllyk we giriş gatançlarynyň möçberlerini kesgitleýär.

32. Maslahatda başlyk we kätip tarapyndan gol çekilýän teswirnama ýöredilýär.

33. Wezipeli adamlaryň saýlawlary gizlin ses bermek bilen geçirilýär.

34. Ýerine ýetiriji komitet Maslahat tarapyndan 4 ýyl möhlet bilen saýlanylýar. Ýerine ýetiriji komitetiň düzümine başlyk, başlygyň orunbasary, Ýerine ýetiriji komitetiň beýleki agzalary girýär, olaryň sany Maslahat tarapyndan kesgitlenýär.

35. Ýerine ýetiriji komitet Maslahata hasabat berýär. Ýerine ýetiriji komitetiň mejlisleri zerur mahalynda, ýöne alty aýda bir gezek geçirilýär.

36. Ýerine ýetiriji komitet onuň agzalarynyň ýarysyndan köpüsi gatnaşanda doly ygtyýarlydyr we onuň kararlary gatnaşýanlaryň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Ýerine ýetiriji komitetiň mejlisiniň geçirilýän senesi we ýeri, şeýle hem gün tertibi Federasiýanyň başlygy tarapyndan kesgitlenilýär, onuň başlanmagyna çenli ýedi günden gijä galman Ýerine ýetiriji komitetiň agzalaryna habar berilýär.

37. Federasiýanyň Ýerine ýetiriji komiteti şu aşakdaky meseleleri çözýär:

- Maslahatda kabul edilen kararlary ýerine ýetirýär;

- başlygyň hödürnamasy boýunça baş kätibiň dalaşgärini tassyklaýar, onuň maslahaty boýunça işgärleriň wezipe sanawyny tassyklaýar;

- Federasiýa agzalary kabul etmek we agzalykdan çykarmak hakynda karar kabul edýär;

- nobatdaky we nobatdan daşary Maslahatlary geçirmegiň senelerini belleýär, baş kätibiň hödürnamasy boýunça Federasiýanyň ýyllyk çykdajylar sanawyna we onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabata garaýar;

- Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleri boýunça ýygyndy toparlaryň milli we halkara ýaryşlaryna taýýarlyk görmeginiň we olarda çykyş etmeginiň meseleleri boýunça kararlara garaýar we kabul edýär;

- ýeke-täk senenama meýilnamasyny döretmek, milli we halkara sport çäreleri boýunça teklipleri girizýär;

- döwlet edaralarynyň öňünde hormatly atlary we sylaglary bermegi haýyş etmek hakynda kararlar kabul edýär;

- Federasiýanyň nyşanynyň, möhrüniň, möhürçeleriniň we beýleki nyşanlarynyň nusgalaryny tassyklaýar;

- şu tertipnama laýyklykda maslahatyň aýratyn ygtyýaryna degişli edilenlerden başga Federasiýanyň maksatlaryna we wezipelerine ýetmek üçin gerek bolan işleri kanunçylygyň çäklerinde amala aşyrýar.

38. Federasiýanyň ýerine ýetiriji geňeşi:

- Federasiýanyň ýerine ýetiriji komitetiniň aralygyndaky döwürde onuň işleriniň belli bir bölegini Federasiýanyň ýerine ýetiriji geňeşi amala aşyrýar, ol guramaçylyk häsiýetli meseleleri we onuň ygtyýarlygyna degişli beýleki meseleleri dessin çözmek üçin döredilýär;

- Federasiýanyň ýerine ýetiriji komitetiniň geňeşi Federasiýanyň ýerine ýetiriji komitetiniň agzalarynyň arasynda saýlanylýar, onuň sany Federasiýanyň ýerine ýetiriji komiteti tarapyndan kesgitlenýär, Federasiýanyň ýerine ýetiriji komitetiniň geňeşi Federasiýanyň ýerine ýetiriji komitetine hasabat berýär;

- Federasiýanyň ýerine ýetiriji komitetiniň geňeşi Federasiýanyň başlygy tarapyndan zerurlygyň çäginde, ýöne çärýekde bir gezekden ýygy bolmadyk möhletde çagyrylýar;

- Federasiýanyň ýerine ýetiriji komitetiniň geňeşi öz işlerini ýygnak görnüşinde amala aşyrýar we eger-de Federasiýanyň ýerine ýetiriji komitetiniň geňeşiniň ýygnagyna onuň düzüminden üçden iki böleginden az bölegi gatnaşýan bolsa karar kabul etmäge hukukly. Karar sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Federasiýanyň ýerine ýetiriji komitetiniň geňeşiniň agzalary ýygnaga gatnaşyp bilmese, hat üsti bilen ses berip gatnaşyp biler.

39. Federasiýanyň ýerine ýetiriji komitetiniň geňeşiniň borçlary:

- Federasiýanyň ýerine ýetiriji komitetiniň kararlaryny ýerine ýetirýär;
- Federasiýanyň çäreleriniň senenama meýilnamalaryny tassyklaýar;
- Federasiýanyň agzalygyna kabul etmek we çykarmak hakynda karar kabul edýär;
- ýüzüji türgenleri taýýarlamak üçin Federasiýanyň okuw-türgenleşik binýatlaryny, dynç alyş binýatlarynyň merkezlerini döretmek hakynda karar kabul edýär;
- Türkmenistanyň çempionatyny geçirmekde Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň merkezi bolup hyzmat edýär we olaryň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrýar;
-Türkmenistanyň ýygyndy toparlarynyň baş türgenleşdirijilerini we türegenleşdirijileriň geňeşiniň düzümini tassyklaýar.

## VII. Federasiýanyň başlygy

40. Başlyk Federasiýanyň ýokary ýolbaşçy edarasyna hasabat berijidir, ol Maslahat tarapyndan dört ýyl möhlet bilen saýlanylýar, bu wezipä Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan tassyklanylýan düzgünnama laýyklykda çekilýär.

41. Dalaşgärler boýunça ses bermegiň görnüşi (açyk ýa-da gizlin) Maslahat tarapyndan kesgitlenilýär. Gatnaşýan wekiliýetleriň sesleriniň ýarysyndan gowragyny toplan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

42. Başlyk:

- Ýerine ýetiriji komitetiň işine, ýerine ýetiriji komitetiň geňeşiniň işine we Federasiýa ýolbaşçylyk edýär, şeýle hem Ýerine ýetiriji komitetiň kabul edýän çözgütlerine gol çekýär;
- Türkmenistanda we daşary ýurtlarda döwlet, jemgyýetçilik hem-de beýleki guramalar bilen özara gatnaşyklarda ynanç haty bolmazdan Federasiýa wekilçilik edýär;
- resminamalara gol çekýär, geleşikleri we gaýry hukuk hereketlerini amala aşyrýar;
- gurluşyny, wezipe sanawyny tassyklaýar, buýruklar çykarýar, Federasiýanyň ähli işgärleriniň ýerine ýetirmegi üçin hökmany görkezmeler berýär, düzüm birlikleriniň ýolbaşçylaryny belleýär;
- Federasiýanyň başlygynyň orunbasaryny belleýär;
- wezipe sanawyndaky işgärleri işe kabul edýär we işden boşadýar;
- bank resminamalaryna gol çekmäge hukugy bar;
- ses berişlik mahaly, eger sesler deň bolan ýagdaýynda goşmaça ses hukugyna eýedir.

43. Başlygyň orunbasary borçlaryň Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan tassyklanylýan paýlanyşygyna laýyklykda ýolbaşçylygy amala aşyrýar. Başlyk bolmadyk mahaly onuň işlerini ýerine ýetirýär. Başlygyň borçlaryny ýerine ýetirmegi başlygyň orunbasarynyň üstüne ýüklemek hakyndaky çözgüt başlygyň buýrugy ýa bolmasa, Ýerine ýetiriji komitetiň çözgüdi bilen resmileşdirilýär. Görkezilen edaralar tarapyndan şeýle buýrugy çykarmak mümkin bolmadyk mahaly, başlygyň orunbasarynyň başlyk ýok mahaly onuň borçlaryny özüne kabul etmek hakyndaky çözgüdi özbaşdak kabul etmäge haky bardyr.

44. Ýerine ýetiriji komitetiň başlygy, başlygyň orunbasary we agzalary öz borçlaryny mugt ýa-da maddy hak-heşdege ýerine ýetirýärler. Hak-heşdegiň möçberini Maslahat belleýär.

45. Baş kätip:

- Federasiýanyň Baş kätibi Federasiýanyň iş dolandyryşyny alyp barýar;
- Federasiýanyň Ýerine ýetiriji komitetiniň kararlaryny ýerine ýetirýär;
- Maslahatlaryň we Federasiýanyň Ýerine ýetiriji komitetiniň, Federasiýanyň ýerine ýetiriji geňeş ýygnagynyň teswirnamasyny ýöredýär hem-de ony taýýarlaýar;
- Federasiýanyň işini gurnaýar;
- Federasiýanyň adyndan Suwdaky sport görnüşi boýunça halkara guramalar we FINA (Halkara Suwdaky Sport görnüşleriniň Federasiýasy) we AASF (Aziýanyň Suwdaky Sport görnüşleriniň Federasiýasy) bilen kanunçylykda bellenen tertipde aragatnaşyk saklaýar;
- Federasiýanyň dolandyryş edarasyna işgärleri saýlaýar;
- Federasiýanyň agzalarynyň halkara ýaryşlaryna, seminarlara, kongreslere, konferensiýalara we beýlekilere gatnaşmak üçin gerekli resminamalary taýýarlaýar.

46. Federasiýanyň iş dolandyryş edarasyna jogapkär Baş kätip tarapyndan başlyk bilen ylalaşylan ýagdaýynda we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda kabul edilýär.

## VIII. Gözegçilik-Derňew topary

47. Federasiýanyň işine gözegçiligi amala aşyrmak üçin Maslahat dört ýyl möhlet bilen öz düzüminden we onuň başlygyndan ybarat gözegçilik-derňew toparyny saýlaýar.

48. Derňew topary:

- Federasiýanyň Ýerine ýetiriji komitetiň başlygynyň, edarasynyň, şeýle hem düzüm birlikleriniň (filiallarynyň, wekilçilikleriniň) maliýe – hojalyk işiniň derňewini geçirýär;
- maliýe-hojalyk işiniň barlaglaryny ýylda azyndan bir gezek guraýar;
- zerurlyk ýüze çykan halatynda auditorçylyk guramalaryny barlaglara çekýär.

49. Gözegçilik-derňew topary Federasiýanyň wezipeli adamlaryndan ähli zerur resminamalary talap etmäge haklydyr.

50. Gözegçilik-derňew toparynyň agzalary şol bir wagtda Federasiýanyň ýolbaşçy edaralarynyň hem-de Federasiýanyň edarasynyň düzüminde bolup bilmezler.

## IX. Federasiýanyň emlägini döretmegiň çeşmeleri

51. Federasiýa jaýlary, binalary, desgalary, ýaşaýyş jaý fonduny, ulaglary, enjamlary, gurallary, medeni-aň-bilim we sagaldyş hyzmaty bolan emlägi, pul serişdelerini, paýnamalary we beýleki gymmatly kagyzlary, Guramanyň tertipnamalaýyn işini maddy taýdan üpjün etmek üçin zerur bolan beýleki emlägi eýeçiliginde edinip biler.

52. Federasiýanyň eýeçiliginde tertipnamalaýyn maksatlara we kanunçylyga laýyklykda Federasiýanyň serişdeleriniň hasabyna döredilýän we edinilýän köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hem bolup biler.

53. Federasiýanyň emlägini we serişdelerini emele getirmegiň çeşmeleri şular bolup biler:

- giriş we agzalyk gatançlary;
- raýatlardan we ýuridik şahslardan gelip gowuşýan meýletin gatançlar hem-de peşgeş berlen zatlar, gelip gowuşýan hemaýatkärçilik we sponsorlyk serişdeleri;
- Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenilen tertipde ýuridik şahslardan, şol sanda daşary ýurtly täjirçilik däl guramalardan grantlar görnüşinde belli bir maksatly maliýeleşdiriş we gelip gowuşýan serişdeler;
- banklaryň karzlary;
- Federasiýanyň telekeçilik işinden, raýat-hukuk gelеşiklerinden alynýan girdejiler;
- Federasiýanyň geçirýän çärelerinden, şol sanda medeni-köpçülik, tomaşa, sport hem-de beýleki çärelerden gelip gowuşýan serişdeler;
- Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly gadagan edilmedik beýleki gelip gowuşýan serişdeler.

54. Agzalyk we meýletin gatançlar yzyna gaýtarylmaga degişli däldir.

55. Federasiýanyň emläginiň eýesi tutuş Federasiýadyr. Federasiýanyň aýratyn agzasy emlägiň paýyna bolan hukuga eýe däldir.

## X. Federasiýany ýatyrmak, üýtgedip guramak

56. Federasiýanyň işi onuň gaýtadan guralmagy (goşulmagy, birleşdirilmegi we başgalar) ýa-da ýapylmagy arkaly bes edilýär.

57. Federasiýa şu Tertipnama laýyklykda Maslahatyň çözgüdi boýunça ýa bolmasa kazyýetiň çözgüdi boýunça ýapylýar we öz işini bes edýär.

58. Federasiýa ýatyrylanda Maslahat tarapyndan ýatyryş topary bellenilýär. Federasiýanyň emlägi we serişdeleri onuň işi bes edilenden soň, Federasiýanyň agzalarynyň arasynda paýlanylmaga degişli däldir we tertipnamada göz öňünde tutulan maksatlar üçin harçlanylýar.

Türkmenistanyň Suwdaky sport
görnüşleriniň federasiýasynyň başlygy G.Atanyýazow

Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasy 1994-nji ýylyň 27-nji aprelinde Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan döwlet belligine alyndy.

Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň üýtgetmeler girizilen Tertipnamasy 2016-njy ýylyň 28-nji iýunynda Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan döwlet belligine alyndy.

Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň üýtgetmeler girizilen Tertipnamasy 2019-njy ýylyň 28-nji fewralynda Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan döwlet belligine alyndy we oňa 0071 belgili şahadatnama berildi.

12 (on iki) sahypa bagjyklanan we möhür bilen berkidilen.

Halkara-hukuk gatnaşyklary
müdirliginiň başlygy M.Hanow


STANYŇ ADALAT MINISTRLIGI
OF JUSTICE OF TÜRKMENISTAN

14 (on dört)

SAHYPA BELGILENDI
WE BAGJYKLANDY

RESMINAMALAR ÜÇIN